Ýüze sylyp edebiýatyň tuguny,
Seniň waspyň ýetir şahyrlar Watan!
Dürli dille sözläp zyban- täjiňi,
Türkmen mukamynda- sazynda Watan!

Menem gunçaň, ädimlerim gujurym,
Ine bu gün talyp boldum goýnuňda.
Azadynyň ylym ojagyn baglan
Bilim bilen adygaryn goýnuňda!
Seň goýnuňda bahar – ýazyňda Watan!

Men Babaýewa Selbi batyrowna! Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Milli dünýä dilleri institutynyň 1- nji ýyl talyby!

Bu bagtyýar ady almak bagty maňa miýesser bolanyna meniň göwnümiň ganatlary pajarlap uçdy. Çünki bu watanda ýaşap, bu watanda ir bilen dogan güne salam berip, ilkinji ädimlerimi bu ajaýyp okuw jaýynyň basganҫaklaryna ätmek bagtynyň miýesser edenie, talyp deň- duşlarymyň hem meniň bilen deň ädim urup, gujurly nesilleriň watan gelejegini ylym, bilim bilen ösdürmek üçin okajakdygyna ynamym bakydyr. Çünki bu Watanda ýaşlara okamaga, döretmäge ähli mümkinçilikleri berýän Milletiň Lideri – Gahryman Arkadagymyz hem-de ýaşlara baş bolup duran , gursagy hyjuwdan doly Arkadagly Gahryman Serdarymyz- Hormatly Prezidentimiz bar. Biziň buýsançly bakyşlarymyzda Watan gül açýar, çagalaryň bagtyýar gelejegi bolan bilim dünýäsiniň pajarlamagy bolsa, ilkinji nobatda Watan özgerişiniň mysallarydyr.

Şeýle gujurly, bagtyýar nesilleriň ylhamly ýaşlaryň gelejege barýan bilimli gadamlaryna meniň hem ädimlerim goşulandygy üçin men bu gün Watanmyzyň iň bagtyýar talyplarynyň biridirin!

Maňa bu buýsanjy beren Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza- Hormatly Prezidentimize sag bolsunlarymyň çägi ýokdur. Goý olaryň janlar sag, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!Men hem talyp ýüregmiň buýsançly joşguny bilen gelejekde watana gerekli ýaşlaryň biri bolup ýetişmek üçin okuwymy göreldeli okap, halkymyza Gahryman Arkadagymyza, Hormatly Prezidentimize mynasyp ýaşlaryň biri boljakdygyma ynandyrasym gelýär.Şeýle bagtyýar döwrüň bagtyýar talyby bolmaga mümkinçilik döreden Gahryman Arkadagymyza, Hormatly Prezidentimize ýene bir gezek köp sag bolsun aýdýaryn!

Gülle Watan, ýaş ýürekler joş alsyn,

Все права защищены

Dolsun ýaşlaň ýürekleri buýsançdan!
Seniň goýnuň mydam abadan bolsun,
Myhman gelsin saňa ýakyndna daşdan.

Öwrenip dilleriň , myhman garşylap,
Mydam seniň waspyň ederis Watan!
Seniň özgerşiňe goşant goşmaga
Okap, öwreneris, öseris Watan!

Все права защищены
save pdf date >>> 23.11.2024